# CADI taslamasyny ýerine ýetirmek boýunça hyzmatdaşlar:

## TASLAMA ÝOLBAŞÇYLYK ETMEK

Graýfswald uniwersiteti, Germaniýa

## ÝERINE ÝETIRIJI HYZMATDAŞLAR

Tebigaty goramak boýunça Mihael Zukkow gaznasy, Graýfswald, Germaniýa

Birleşen Milletler Guramasynyň Azyk we oba hojalyk edarasynyň (FAO) Merkezi Aziýa ýurtlary üçin sebit bölümi, Ankara, Türkiýe

## MERKEZI AZIÝADAKY HYZMATDAŞLAR

### Gazagystan

Oba hojalyk ministrliginiň Tokaý hojalygy we haýwanat dünýäsi komiteti, Nur-Sultan

Gazagystanyň biodürlüligini gorap saklamak birleşigi, Nur-Sultan

### Türkmenistan

Oba hojalyk we daşky gurşawy goramak ministrligi, Aşgabat

### Özbegistan

Özbegistan Respublikasynyň tokaý hojalygy boýunça döwlet komiteti, Daşkent

FAO-nyň Özbegistandaky bölümi, Daşkent

## Habarlaşmak üçin:

**Taslamanyň ýolbaşçysy:**
D-r Mihael Manteý
manthey@uni-greifswald.de

**Taslamanyň utgaşdyryjysy:**
Kristian Welşer
christian.welscher@uni-greifswald.de

**Taslamanyň Türkmenistandaky ýolbaşçysy:**
Garryýewa Şirin
shirinkarryeva.sk@gmail.com

**cadi.uni-greifswald.de**

Supported by:

Federal Ministry
for the Environment, Nature Conservation
and Nuclear Safety

based on a decision of the German Bundestag

Bu taslama klimaty goramak boýunça halkara başlangyjynyň (IKI) bir bölegi bolup durýar. Germaniýanyň Daşky gurşaw, tebigaty goramak, gurluşyk we ýadro howpsuzlygy federal ministrligi (BMU) GFR-nyň Parlamentiniň çözgüdi esasynda bu başlangyjy goldaýar.

UNIVERSITÄT GREIFSWALD
Wissen lockt. Seit 1456

# ÇÖLLER BOÝUNÇA MERKEZIAZIÝA BAŞLANGYJY (CADI)

Türkmenistanyň çöllerini gorap saklamak we durnukly peýdalanmak



© Sebastiýan Şmid

Succow Stiftung

Food and Agriculture Organization of the United Nations

# Näme üçin CADI?

Eýranyň demirgazygyndan Mongoliýa çenli ýaýylyp ýatan, Merkezi Aziýanyň giňişliklerini öz içine alýan Ýewraziýanyň aralyk guşaklykdaky çölleri tutuş dünýä üçin örän uly ähmiýetli tebigy baýlykly ýerlere degişlidir. Bu çöl ýerleri göçýän guşlar üçin migrasiýa döwründe dynç alyp geçmekleri, saýgak we demirgazykda ýaşaýan beýleki ençeme toýnakly haýwanlar üçin möhüm ýaşaýyş mekany bolup hyzmat edýärler. Aňyrsyna-bärsine göz ýetmeýän bu meýdanlar köp sanly ekoulgam hyzmatlaryny ýerine ýetirýärler. Ol hyzmatlara sebitiň gurak we ýarymgurak çäklerindäki öri meýdanlary degişli bolup, olar çököndileriň berkleşmegini we netijede çölleşme hadysasynyň öňüni almaklyga, şeýle hem uglerodyň toplanmagyna ýardam edýärler.

Aralyk guşaklykdaky çölleriň möhüm ekologik gymmatyna garamazdan, Tebigaty goramagyň halkara birleşiginiň (IUCN) geçiren barlaglaryna görä, ol ýerleriň ähmiýeti **dünýäde iň pes derejede ykrar edilen biomlaryň** (tebigyhowa şertlerine bagly iri ekoulgam) biridir. Aralyk guşaklykdaky çöllükler häzire çenli dünýäde ÝUNESKO-nyň Bütindünýä tebigy mirasynyň sanawyna girizilmedik ýeketäk tebigy çäklerdir.

Şeýle hem, käbir ýurtlarda aralyk çölleriň aýratyn goralýan tebigy ýerleriň ulgamyna girizilmegi we dolandyrylyşy ýeterlik derejede däl. Häzirki wagtda tebigy baýlyklaryň çakdan aşa ulanylmagy, mallaryň öri meýdanlarynda durnuksyz bakylmagy, şeýle hem iri desgalaryň gurulmagy netijesinde aralyk guşaklykdaky çöllere zaýalanmak howpy abanýar. Tebigy ýaşaýyş ýerleriniň hem-de arasynda ençeme endemikler bolan, ýitmek howpy astyndaky görnüşleriň gutarnykly ýitirilmek alamatlary barha aýdyň duýulýar. Bu ýagdaý tutuş sebitde adamlaryň hal-ýagdaýyny gowulandyrmakda möhüm ähmiýeti bolan berk we sagdyn tebigy binýadyň durnuklylygyna howp salýar.

© Eldar Rustamov



# CADI taslamasynyň maksady

**"Çöller boýunça Merkeziaziýa başlangyjy (CADI)"** Merkezi Aziýa sebitiniň aralyk guşaklykdaky ýewraziýa çölleriniň biodürlüligini gorap saklamaga we ekoulgam hyzmatlaryny ösdürmäge gönükdirilendir.

Başlangyjyň maksatlaýyn gönükdirilen ýurtlary Gazagystan, Türkmenistan we Özbegistan bolup olaryň öňünde bu biomy gorap saklamklygyň ýokary derejedäki jogapkärçiligi durýar. Şeýle hem, CADI başlangyjynyň çäklerinde bu ýurtlara esasy halkara konwensiýalary boýunça öz üstüne alan borçnamalarynyň ýerine ýetirilmegine we çöl biomynyň serhetüsti dejedäki goragyny utgaşykly alyp barmaga gönükdirilen çäreleriniň amala aşyrylmagyna ýardam ediler.

# Aram guşaklykdaky çölleriň häsiýetli aýratynlyklary

Aram guşaklykdaky çöller – yklymiçre çöller bolup, olaryň guraklygy dünýä ummanyndan daşda ýerleşýändikleri ýa-da ygalyň iň az düşýän sebitlerinde ýerleşýändikleri bilen düşündirilýär. Olar üçin aýdyň bildirýän möwsümler häsiýetli bolup, uzak dowam edýän gyşy aňzakly, tomsy bolsa jöwzalydyr. Ýylyň dowamynda düşýän ygalyň mukdary 100 mm-den geçmeýär, howanyň temperaturasy bolsa -45°C we +50°C çenli uly aralykda üýtgäp durýar. Aram guşaklykdaky çölleriň 95 göterimi Merkezi Aziýanyň çäklerinde ýerleşýär. Şeýle çölleriň az böleklerini Demirgazyk Amerikadaky Uly basseýniň çäklerinde we Günorta Amerikadaky Patagoniýanyň käbir ýerlerinde tapyp bolýar.

# CADI taslamasynyň düzüm bölekleri (komponentleri):

**I. Aram guşaklykdaky çölleriň biodürlüligi, ekoulgam hyzmatlary, tebigatyny goramak derejesi we ýerlerden peýdalanmak babatda mümkinçilikleri artdyrmak we bilimleri ýaýratmak**

- Biodürlüligiň görnüşleri, populýasiýalary, olaryň ýaýraýşy barada deslapky maglumatlaryň üstüni dolmak, şeýle hem endemik görnüşleriň ýagdaýyny kesgitlemek maksady bilen meýdan iş saparlaryny/ ekspedisiýalary gurnamak
- Tebigy baýlyklary toplumlaýyn, durnukly dolandyrmak we tebigaty goramak boýunça maksatlaýyn anyk habar beriş strategiýasyny işläp düzmek

**II. Çöl ekoulgamlarynda aýratyn goralýan tebigy ýerleriň birini dolandyrmagy gowulandyrmak we onuň çägini giňeltmek boýunça çäreleri geçirmek**

- Aýratyn goralýan tebigy ýerleriň biri boýunça esaslandyrmany işläp taýýarlamak (döredilmegi, giňeldilmegi ýa-da Tebigaty goramagyň halkara birleşiginiň derejesine laýyk getirilmegi)
- Hereket edýän aýratyn goralýan tebigy ýerleriň birini dolandyrmagyň netijeliligini ýokarlandyrmak
- Türkmenistanyň çöl ekoulgamlaryna ÝUNESKO-nyň Bütindünýä tebigy mirasyň derejesini almak üçin zerur resminamalary taýýarlamak

**III. CADI taslamasyny ýerine ýetirmekdäki alnan tejribäni we nusgalyk göreldeleri milli, sebit we halkara derejesindäki platformalarda ulanmak**

- Türkmenistanda biodürlülik we ekoulgam hyzmatlary boýunça döwletara platformasy okuw maslahatyny geçirmek

**Taslamanyň ýerine ýetirmegiň möhleti: 2018–2019 ýý.**